Türkmenistanyň Daşky
gurşawy goramak ministriniň
2025-nji ýylyň 23-nji maýynda
çykaran 100-Ö belgili buýrugy
bilen tassyklanyldy

# Tokaý gaznasyny döwlet tarapyndan hasaba almagyň, olaryň döwlet tokaý kadastryny, tokaýlaryň we tokaý gurnaýyşynyň monitoringini alyp barmagyň tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Tokaý gaznasyny döwlet tarapyndan hasaba almagyň, olaryň döwlet tokaý kadastryny, tokaýlaryň we tokaý gurnaýyşynyň monitoringini alyp barmagyň tertibi (mundan beýläk – Tertip) Türkmenistanyň Tokaý kodeksiniň 17-nji maddasynyň birinji böleginiň 4-nji bendine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň tokaý gaznasynyň döwlet tarapyndan hasaba alynmagynyň, döwlet tokaý kadastryny ýöretmegiň, tokaýlaryň we tokaý gurnaýşynyň monitoringini alyp barmagy guramagyň we ýöretmegiň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Şu Tertipde aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **tokaý gaznasy** – Türkmenistanyň tokaý bilen örtülen çäginiň, şeýle hem tokaý hojalygynyň hajatlary üçin niýetlenen, tokaý bilen örtülmedik çägi;

2) **tokaý gaznasyny tükellemek** – tokaý gaznasynyň aýry-aýry meýdanlarynyň mukdar we hil görkezijilerini beýan etmek, kartalaşdyrmak we kesgitlemek boýunça işleriň toplumy;

3) **döwlet tokaý kadastry-** tokaý hojalygyny alyp barmak üçin gerek bolan tokaý gaznasynyň maglumatlar ulgamy;

4) **tokaý gurnaýyş** – tokaý hojalygyny rejeli alyp barmaga gönükdirilen çäreler ulgamynyň işlenip düzülmegi. Tokaýlaryň döwlet hasaba alynmasynda peýdalanylýan, tokaý gazanasyny tükellemek işi tokaý gurluşynyň düzüm bölegidir;

5) **tokaýlaryň monitoringi** – tokaý gaznasyna gözegçilik, ýagdaýyna we ösüşine baha bermek we çaklamak ulgamy;

6) **Ygtyýarlandyrylan edara** – Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi.

3. Döwlet tokaý kadastry - tokaý hojalygyny alyp barmak üçin gerek bolan tokaý gaznasynyň maglumatlaryny özünde jemleýän (kitap we elektron görnüşinde) resminamadyr.

4. Döwlet tokaý kadastryny ýöretmegiň esasy ýörelgeleri şulardan ybarat:

1) Türkmenistanyň çäginde Döwlet tokaý kadastryny ýöretmegiň usulyýetiniň ýeke-täkligi;

2) Türkmenistanyň çägindäki gorag maksatly tokaýlaryň, ýörite maksatly tokaýlaryň we önümçilik maksatly tokaýlaryň ählisini öz içine almagy;

3) döwlet tokaý kadastr resminamalarynyň maglumatlarynyň dogrulygy we olaryň gyzyklanýan şahslar üçin elýeterliligi;

4) tokaý hojalyklary hakyndaky üýtgäp durýan maglumatlaryň döwlet tokaý kadastr resminamalaryna girizilmeginiň üznüksizligi;

5) Türkmenistanyň tokaý gaznasy hakyndaky maglumatlaryň döwlet tokaý kadastryna girizilmeginiň hökmanylygy.

5. Şu Tertibiň kadalary Döwlet tokaý hojalyk kärhanalary (mundan beýläk – Tokaý hojalyklary) üçin hökmany bolup durýar.

## II bap. Tokaý gaznasyny döwlet tarapyndan hasaba almagyň tertibi

6. Türkmenistanyň tokaý gaznasynyň düzümine girýän:

1) aýratyn goralýan tebigy çäkleriň ýerlerindäki tebigy we emeli gelip çykyşy bolan (tokaý we tokaý däl meýdanlary hem goşmak bilen) tokaýlar;

2) tebigy we emeli gelip çykyşy bolan tokaýlar, şeýle hem tokaý gaznasynyň ýerlerinde tokaý hojalygynyň hajatlary üçin berlen tokaý ösümlikleri bilen örtülmedik ýer meýdanlary;

3) demir we awtomobil ýollarynyň, beýleki ulag we aragatnaşyk ulgamlarynyň, şeýle hem kanallaryň we gaýry suw desgalarynyň sowgut zolaklaryndaky gorag agaçlary;

4) agaçlar we agaç toparlary, şeýle hem şäherlerdäki we beýleki ilatly ýerlerdäki ekilen agaçlar döwlet tarapyndan hasaba almaga degişlidir.

7. Tokaý gaznasyny abat saklamak, goramak, tokaýlary üznüksiz köpeldip durmak we tokaýy döretmek, tokaýdan peýdalanmak, tokaý gaznasynyň mukdar we hil üýtgemelerine yzygiderli gözegçilik etmek hem-de döwlet edaralaryny, gyzyklanýan ýuridik we fiziki şahslary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tokaý gaznasy hakyndaky maglumat bilen üpjün etmek Döwlet tokaý gaznasyny hasaba almagyň maksady bolup durýar.

8. Tokaý gaznasyny döwlet tarapyndan hasaba almak amala aşyrylanda, tokaý gaznasyny tükellemek işleri geçirilýär.

9. Tokaý gaznasyny tükellemek - tokaý gaznasynyň aýry-aýry meýdanlarynyň mukdaryny we hil görkezijilerini beýan etmegi we kartalaşdyrmagy öz içine alýar.

10. Tokaý gaznasyny tükellemek işleri Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde döredilýän Tokaý hojalyklary tarapyndan amala aşyrylýar.

11. Tokaý hojalyklary tokaý gaznasynyň tükelleme işleriniň netijesinde ýygnalan resminamalary Ygtyýarlandyrylan edaranyň Tokaý hojalygy müdirligine berýärler.

12. Tokaý gaznasyny tükellemek resminamalary Ygtyýarlandyrylan edaranyň Tokaý hojalygy müdirligi tarapyndan jemlenýär we maglumatlar toplumynda kagyz we elektron görnüşde Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertibine laýyklykda saklanylýar.

13. Tokaý gaznasynyň döwlet tarapyndan hasaba alnyşynyň maglumatlary Döwlet tokaý kadastry (şu Tertibe goşundy) ýöredilende peýdalanylýar.

14. Tokaý gaznasynda bolup geçýän üýtgeşmeler hakyndaky maglumatlar Tokaý hojalyklaryň hasaba alnyş maglumatlar toplumyna bellenen tertipde girizilýär.

15. Tokaý gaznasyny tükellemek resminamalary bäş ýylda bir gezek täzelenýär.

16. Tokaý hojalyklary tarapyndan berilýän aşakdaky resminamalar hasaba alnyş resminamalaryna üýtgetmeleri girizmek üçin esas bolup biler:

1) hojalyk işi alnyp barylanda ýa-da tebigy hadysalaryň täsir etmegi netijesinde üýtgeşmelere sezewar bolan tokaý meýdanlary hakynda delilnamalar;

2) tokaý gaznasynyň ýerlerini almak baradaky kararlar;

3) tokaý gaznasyny derejelere degişli etmek, bir derejeden başga derejä geçirmek baradaky kararlar;

## III bap. Döwlet tokaý kadastryny ýöretmek

17. Döwlet tokaý kadastry Ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan döredilýär we ýöredilýär. Döwlet tokaý kadastry tokaý gaznasynyň hukuk düzgüni, ony tokaý eýelerine paýlamak, tokaý gaznasynyň mukdar we hil ýagdaýy, onuň düzümi, tokaý gaznasynyň ekologik we ykdysady häsiýetnamalary hakynda maglumatlary özünde saklaýar.

18. Döwlet tokaý kadastrynyň maglumatlary tokaý hojalygy döwlet tarapyndan dolandyrylanda, onuň alnyp barlyşy guralanda, tokaý

hojalygyny alyp barmak we tokaý gaznasyny peýdalanmak bilen baglanyşykly bolmadyk maksatlarda tokaý bolmadyk meýdanlara tokaý meýdanlary geçirilende, tokaý gaznasynyň ýerleri alnanda, tokaýdan peýdalanylandygy üçin tölegiň möçberleri kesgitlenende, tokaý eýeleriniň we tokaýdan peýdalanyjylaryň hojalyk işine baha berlende peýdalanylýar.

19. Ygtyýarlandyrylan edaranyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen döwlet tokaý kadastryny ýöredýän jogapkär hünärmen bellenýär. Ol döwlet tokaý kadastr maglumatlaryna birugsat ygtyýarlyk edilmezligini üpjün etmelidir we kadastr maglumatlarynyň galplaşdyrylmagyndan, ýoýulmagyndan we düzüminiň birugsat üýtgedilmeginden goramak boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

20. Ygtyýarlandyrylan edarada döwlet tokaý kadastrynyň ýöredilmegi ýeke-täk usulyýet boýunça şu Tertibe laýyklykda amala aşyrylýar we tokaý hojalygyny alyp barmak üçin gerek bolan tokaý gaznasynyň maglumatlaryny özünde jemleýär.

21. Ygtyýarlandyrylan edaranyň Tokaý hojalyklary döwlet tokaý kadastryny ýöretmek boýunça işlere gatnaşýarlar we tokaý gaznasynyň döwlet tarapyndan hasaba alnyş maglumatlary boýunça ýygnalan maglumatlary Ygtyýarlandyrylan edaranyň Tokaý hojalygy müdirligine berýärler.

22. Döwlet tokaý kadastry tokaý gaznasynyñ hukuk düzgüni bolmak bilen tokaý gurluşynyň, tokaý gaznasyny döwlet tarapyndan hasaba alnyşynyñ maglumatlary esasynda düzülýär.

23. Döwlet tokaý kadastry yzygiderlilik boýunça sanlar bilen belgilenip, ýazgylaryň arasynda boş setirler goýmazdan ýöredilýär. Döwlet tokaý kadastrynyň sahypalary belgilenen, dikilen görnüşde bolup, onuň soňky sahypasynda döwlet tokaý kadastrynyň näçe sahypadan ybaratdygy barada bellik edilip, Ygtyýarlandyrylan edaranyň ýolbaşçysynyň goly we möhüri bilen tassyklanan bolmalydyr.

24. Döwlet tokaý kadastrynyň sahypalarynyň ýok edilmegine, şeýle hem olardan haýsy-da bolsa bir resminamalaryň aýrylmagyna ýol berilmeýär.

25. Döwlet tokaý kadastryny ýöretmek birmeňzeş hukuk güýjüne eýe bolan kagyz we elektron görnüşinde amala aşyrylýar.

26. Kagyz we elektron görnüşindäki maglumatlar gabat gelmedik mahalynda, kagyz görnüşindäki maglumatlar ileri tutulýar, tehniki ýalňyşlyklaryň bar bolan halatlary muňa degişli däldir.

27. Döwlet tokaý kadastry “Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunda bellenen kadalara laýyklykda saklanylýar.

28. Döwlet tokaý kadastry Ygtyýarlandyrylan edarada saklanýar. Döwlet tokaý kadastryna girizilýän maglumatlar arassa, anyk we yzygiderli ýazmak ýörelgesi boýunça ýöredilýär. Döwlet tokaý kadastryndaky ýazgylaryň galam bilen ýazylmagyna ýol berilmeýär.

29. Döwlet tokaý kadastryny ýöretmek boýunça Tokaý hojalyklary:

1) döwlet tokaý kadastry boýunça maglumatlaryň yzygiderli toplanmagyny we onuň takyk ýöredilmegini üpjün edýärler;

2) döwlet tokaý kadastryna degişli ähli ýerler barada maglumatlary jemleýärler, toparlara bölýärler hem-de olaryň hil we mukdar ýagdaýlarynyň üýtgemegini derňäp, ykdysady taýdan baha berýärler;

3) döwlet tokaý kadastryny ýöretmegiñ her ýylky netijelerini indiki ýylyň 1-nji ýanwardaky ýagdaýy boýunça tokaý gaznasynyň häzirki üýtgemeleri we ýagdaýy hakyndaky maglumatlary tokaý gaznasynyň maglumatlaryna girizýärler (döwlet tokaý kadastrynyň maglumatlaryň gory kartografik materiallar, kartalar we hasabatlar görnüşinde toplanylýar).

## IV bap. Tokaýlaryň we tokaý gurnaýyşynyň monitoringini alyp barmagyň tertibi

30. Tokaý gaznasynyň tokaý gurnaýyşynda tokaý gurnaýyş taslamalary düzülýär, olarda geçen döwür üçin tokaý hojalygynyň alnyp barlyşyna we tokaý gaznasyndan peýdalanylyşyna toplumlaýyn baha berilýär, indiki döwür üçin tokaý hojalygynyň işini guramagyň we alyp barmagyň esasy düzgünleri işlenip taýýarlanylýar.

31. Tokaýlaryň monitoringi tokaýlary netijeli dolandyrmak, peýdalanmak, üznüksiz köpeldip durmak, abat saklamak we goramak maksady bilen geçirilýär.

32. Tokaýlaryň monitoringi Tokaý gaznasynyň ähli ýerlerinde Ygtyýarly edara tarapyndan kesgitlenen usulyýet boýunça amala aşyrylýar.

33. Tokaýlaryň monitoringi boýunça maglumatlaryň taýýarlanmagy we berilmegi Ygtyýarlandyrylan edarasynyň Tokaý hojalygy müdirligi, Döwlet tokaý hojalyklary we beýleki tokaý eýeleri tarapyndan amala aşyrylýar.

34. Tokaýlaryň monitoringi şu aşakdaky işleri öz içine alýar:

1) tokaýlaryň derejeleri boýunça yzygiderli gözegçilikleri alyp barmak (derňewler, surata almalar, barlaglar, tükellemek);

2) tokaýlaryň ýagdaýyna baha bermek;

3) tokaýlarda antropogen täsirleri aýyrmak boýunça teklipleri işläp düzmek;

4) belli bir wagt aralygy üçin tokaýlaryň ýagdaýynyň çaklamasyny işläp düzmek.

35. Tokaýlaryň ýagdaýyna baha bermek seljerme geçirmek, deňeşdirmek, tokaýlarda bolup geçýän üýtgemeleriň çaltlygyny öwrenmek arkaly ýerine ýetirilýär.

36. Tokaý hojalyklaryndan we beýleki tokaý eýelerinden alynan tokaýlaryň monitoringiniň maglumatlary peýdalanyjylara bermek üçin Ygtyýarlandyrylan edaranyň Tokaý hojalygy müdirligi tarapyndan umumylaşdyrylýar we seljerilýär.

37. Tokaýlaryň monitoringi boýunça maglumatlaryň peýdalanyjylary şu aşakdakylar bolup durýar:

1) Ygtyýarlandyrylan edara - daşky gurşawyň we tebigy serişdeleriň monitoringiniň döwlet ulgamynyň maglumatlar gaznasyny ýöretmek üçin;

2)tokaý serişdelerini dolandyrmak, tebigy serişdeleriň rejeli peýdalanmak boýunça maksatnamalary meýilnamalaşdyrmak we işläp düzmek meselelere gyzyklanma bildirýän beýleki döwlet edaralary;

3)beýleki gyzyklanýan ýuridik we fiziki şahslar.

## V bap. Jemleýji düzgünler

43. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilişine Ygtyýarlandyrylan edara gözegçilik edýär.

44. Şu Tertipde bellenen kadalaryň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

45. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

46. Şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Tokaý gaznasyny döwlet tarapyndan hasaba almagyň, olaryň döwlet tokaý kadastryny, tokaýlaryň we tokaý gurnaýyşynyň monitoringini alyp barmagyň tertibine goşundy

## Döwlet tokaý kadastry

| T/b | Tokaý gaznasynyň hukuk düzgüni | Tokaý gaznasyny eýelerine paýlamak | Tokaý gaznasynyň mukdar we hil ýagdaýy, düzümi | Tokaý gaznasynyň ekologik ýagdaýy | Tokaý gaznasynyň ykdysady häsiýetnamasy |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |
| | | | | | |